| | |
|---|---|
| Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy | Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy |

**Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 10**

**„MAÝA GOÝUM EMLÄGI“**

**Mazmuny** **Bölümleriň №**


Umumy düzgünler.......................................................................1-3
Kesgitlemeler................................................................................4
Maýa goýum emlägini topara bölmek..........................................5-12
Ykrar etmek we baha bermek.. ..................................................13-26
Ykrar edilenden soň baha bermek..............................................27-39
Maýa goýum emlägini gaýtadan topara bölmek..........................40-48
Ykrar etmegi bes etmek ...............................................................49-55
Maglumaty açmak ........................................................................56-58
Güýje girýän senesi ........................................................................59


## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady maýa goýum emlägini hasaba almagyň tertibini we maglumatlary açmaga bildirilýän degişli talaplary bellemekden ybaratdyr.

2. Şu standart maýa goýum emlägi ykrar edilende, ölçenilende we bu emläk babatyndaky maglumatlar açylanda ulanylmalydyr.

3. Şu standart aşakdakylar babatynda ulanylmaýar:

a) oba hojalyk işi bilen baglanyşykly biologik aktiwler;

b) nebit, tebigy gaz we şoňa meňzeş gaýtadan dikeldilmeýän serişdeler ýaly ýerasty baýlyklardan we gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryndan peýdalanmaga hukuklar.

## KESGITLEMELER

4. Şu standartda aşakdaky adalgalar görkezilen manylarynda ulanylýar:

**Balans gymmaty** – bu toplanan ulanyş tutumy we gymmaty gaçmakdan toplanan ýitgiler aýrylandan soň aktiwiň hasabatda ykrar edilýän gymmatydyr.

**Özüne düşýän gymmaty** – tölenen pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň pul möçberi ýa-da aktiwi satyn almak maksady bilen berlen beýleki öwezlik tölegiň satyn alnan pursatyndaky ýa-da onuň gurulýan

wagtyndaky adalatly gymmaty ýa-da, muny ulanyp bolýan ýerinde, maliýe hasabatlylygynyň beýleki milli standartlarynyň anyk talaplaryna laýyklykda ilkibaşda ykrar edilende şunuň ýaly aktiwe baha berlen pul möçberi.

**Adalatly gymmat** – gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

**Maýa goýum emlägi –** kärende töleglerini almak ýa-da maýanyň gymmatyny artdyrmak, ýa-da olaryň ikisini hem almak maksady bilen eýeçilikde (eýesiniň ýa-da maliýe kärendesi şertnamasy boýunça kärendeçiniň eýeçiliginde) saklanýan gozgalmaýan emläk (ýer ýa-da jaý ýa-da jaýyň bir bölegi, ýa-da olaryň ikisi hem), ýöne:

a) harytlary öndürmek ýa-da ibermek, hyzmat etmek üçin, edara ediş maksatlarynda peýdalanmak üçin däl; ýa-da

b) adaty hojalyk işiniň barşynda satmak üçin däl.

Maýa goýum emlägi kärende töleglerini ýa-da maýanyň gymmatynyň artmagyndan girdejileri almak ýa-da olaryň ikisini hem gazanmak üçin niýetlenendir. Şonuň üçin maýa goýum emläginiň emele getirýän pul serişdeleriniň akymlary, düzgün bolşy ýaly, kärhananyň beýleki aktiwleri bilen bagly däldir. Bu maýa goýum emlägini eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläkden tapawutlandyrýar. Önümçiligiň ýa-da harytlary ibermegiň, hyzmat etmegiň (ýa-da emlägi edara ediş maksatlarynda peýdalanmagyň) barşynda ýüze çykýan pul akymlary diňe gozgalmaýan emläge däl, eýsem, önümçiligiň we haryt ibermegiň barşynda peýdalanylýan beýleki emläklere hem degişlidir. Eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emlägi hasaba almak "Esasy serişdeler" maliýe hasabatlylygynyň milli standartyna laýyklykda geçirilýär.

**Eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk –** eýesiniň (hususyýetçiniň ýa-da maliýe şertnamasy boýunça kärendeçiniň) eýeçiligindäki, harytlary öndürmekde we ibermekde peýdalanmak, hyzmat etmek ýa-da edara ediş maksatlary üçin niýetlenen gozgalmaýan emläk.

## MAÝA GOÝUM EMLÄGINI TOPARA BÖLMEK

5. Emlägiň maýa goýum emläginiň derejesine laýyk gelşini kesgitlemek hünärli garaýyşlary talap edýär. Kärhana maýa goýum emläginiň kesgitlemesine laýyklykda, şunuň ýaly hünärli garaýyşlary yzygiderli peýdalanmak üçin ölçegleri işläp taýýarlaýar.

6. Aşakda maýa goýum obýektleriniň emläginiň mysallary getirilýär:

a) uzak möhletli geljekde maýanyň artmagyndan peýda almak üçin saklanylýan ýer;

b) geljekde peýdalanylmaly maksady häzirki wagtda kesgitlenilmedik ýer (eger kärhana özüniň ýeri eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk hökmünde ýa-da adaty hojalyk işiniň barşynda gysga möhletli geljekde ýerlemek üçin peýdalanjakdygyny çözmedik bolsa, onda ýer maýany artdyrmak üçin niýetlenen diýip hasap edilýär);

ç) kärhananyň öz eýeçiligindäki (ýa-da maliýe kärendesi şertnamasy boýunça kärhananyň eýeçiligindäki) we bir ýa-da birnäçe amal kärendesi şertnamasy boýunça kärendä berlen jaý;

d) häzirki wagtda boş duran, ýöne bir ýa-da birnäçe amal kärendesi şertnamasy boýunça kärendä bermek üçin niýetlenen jaý.

7. Aşakda maýa goýum emlägi bolup durmaýan we degişlilikde, şu standartyň ulanylýan çygryna girmeýän aktiwleriň mysallary getirilýär:

a) adaty hojalyk işiniň barşynda ýerlemek üçin niýetlenen ýa-da şunuň ýaly ýerlemek maksady bilen gurulýan ýa-da ösdürilýän gozgalmaýan emläk (mysal üçin, diňe ýakyn geljekde ýerlemek ýa-da ösdürmek we gaýtadan satmak üçin satyn alnan gozgalmaýan emläk "Ätiýaçlyklar" MHMS-na laýyklykda hasaba alynmalydyr);

b) üçünji taraplaryň tabşyrygy boýunça gurulýan ýa-da ösdürilýän gozgalmaýan emläk ("Gurluşyk üçin şertnamalar" MHMS ulanylýar);

ç) eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk, şol sanda:

eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk hökmünde mundan beýläk hem peýdalanmak üçin niýetlenen gozgalmaýan emläk;

geljekki ösüş we soňundan eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk hökmünde peýdalanmak üçin niýetlenen gozgalmaýan emläk;

kärhananyň işgärleri tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk (olaryň bazar möçberleri boýunça kärende tölegini töleýändiklerine we tölemeýändiklerine garamazdan);

eýesi tarapyndan eýelenýän we çykyp gitmegi üçin niýetlenen gozgalmaýan emläk ("Esasy serişdeler" MHMS ulanylýar);

d) geljekde maýa goýum emlägi hökmünde peýdalanmak maksady bilen, gurulýan ýa-da ösdürilýän gozgalmaýan emläk. Şunuň ýaly obýekt babatynda, olary guramagyň we ösdürmegiň tamamlanýan pursadyna çenli "Esasy serişdeler" milli standartynyň düzgünleri ulanylýar, obýekt maýa goýum toparyna geçenden soň ony hasaba almak üçin şu standartyň düzgünleri ulanylyp başlanýar. Emma şu standart geljekde maýa goýum emlägi hökmünde peýdalanylmagyny dowam etdirmek üçin ösüşiň täze tapgyryny başdan geçirýän, bar bolan maýa goýum emlägine degişli ulanylýar;

e) maliýe kärendesi şertnamasy boýunça beýleki kärhana kärendesine berlen gozgalmaýan emläk.

8. Aýry-aýry ýagdaýlarda gozgalmaýan emläk obýektiniň bir bölegi kärende tölegini almak ýa-da maýany artdyrmak üçin, beýleki bölegi önümçilik ýa-da harytlary ibermek, hyzmat etmek ýa-da edara ediş maksatlary üçin peýdalanylyp bilner. Eger obýektiň şular ýaly bölegini biri-birine bagly bolmazdan ýerläp (ýa-da biri-birine bagly bolmazdan maliýe kärendesine berip) bolýan bolsa, onda kärhana görkezilen bölekleri aýratynlykda hasaba alýar. Eger-de obýektiň böleklerini aýratynlykda ýerläp bolmaýan bolsa, onda obýekt diňe onuň ujypsyz bölegi önümçilikde ýa-da harytlary ibermekde, hyzmat etmekde ýa edara ediş maksatlarynda peýdalanmak üçin niýetlenen mahalynda maýa goýum emlägi hasap edilýär.

9. Käbir ýagdaýlarda kärhana özüne degişli emlägi kärendä alanlara kömekçi hyzmatlary hem edýär. Kärhana şunuň ýaly gozgalmaýan emlägi, eger bu hyzmatlar tutuş ylalaşyga degişlilikde ujypsyz bölegi tutýan bolsa, maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alýar. Edara jaýlary toplumynyň eýesiniň kärendeçilere jaýy goramak we gündelik ulanmak boýunça hyzmatlary etmegi muňa mysal bolup biler.

10. Käbir ýagdaýlarda edilýän hyzmatlar has ähmiýetli bolýar. Mysal üçin, eger kärhana myhmanhana eýeçilik edýän we ony dolandyrýan bolsa, onda myhmanhanada düşleýänlere edilýän hyzmat tutuş ylalaşyk üçin düýpli bolup durýar. Şeýlelikde, eýe bolup durýan kärhana tarapyndan dolandyrylýan myhmanhana maýa goýum emlägi däl-de, eýsem, eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk bolup durýar.

11. Kähalatda kömekçi hyzmatlaryň gozgalmaýan emlägiň maýa goýum emlägi toparyna degişli edip bolmaz ýaly derejede düýpli bolup durýandygyny ýa-da däldigini kesgitlemek kyndyr. Mysal üçin, kärhananyň eýesi käwagt dolandyryş şertnamasy boýunça käbir wezipeleri ýerine ýetirmegi üçünji tarapa berýär. Şunuň ýaly şertnamalaryň şertleri köp dürli bolýar. Bir tarapdan, hususyýetçi, hakykatda, işjeň däl maýa goýumçynyň ýagdaýynda bolup biler. Beýleki tarapdan, hususyýetçi, myhmanhananyň işinden gelýän pul akymlarynyň üýtgeme töwekgelçiligini saklap galmak bilen, käbir gündelik dolandyryş wezipelerini beýleki bir gurama berip biler.

12. Käbir ýagdaýlarda kärhananyň eýeçiliginde onuň düýp kärhanasynyň ýa-da beýleki golçur kärhanasynyň kärendä alýan we eýeleýän gozgalmaýan emlägi bolup biler. Şunuň ýaly emläk maliýe hasabatlylygynda maýa goýum emlägi hökmünde topara bölünip bilinmez, sebäbi ol toparyň nukdaýnazaryndan eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk bolup durýar. Emma, bu gozgalmaýan emläge eýelik edýän kärhananyň nukdaýnazaryndan, eger ol maýa goýum kesgitlemesini kanagatlandyrýan bolsa, maýa goýum emlägi bolup durýar. Şonuň üçin hem özüniň özbaşdak maliýe hasabatlylygynda kärendä beriji görkezilen gozgalmaýan emlägi maýa goýum emlägi hökmünde görkezýär.

## YKRAR ETMEK WE BAHA BERMEK

13. Maýa goýum emlägi diňe aşakdaky ýagdaýlarda aktiw hökmünde ykrar edilýär:

a) kärhana maýa goýum emlägi bilen baglanyşykly geljekki ykdysady peýdalaryň gelip gowuşmak ähtimallygy bar bolanda;

b) maýa goýum emläginiň özüne düşýän gymmatyna dogry baha berip bolýan bolsa.

14. Ykrar etmegiň şu ýörelgesine laýyklykda kärhana maýa goýum emlägi boýunça özüniň ähli harajatlaryna olaryň çekilen pursatynda baha berýär. Bu harajatlar maýa goýum emlägini satyn almak bilen baglanyşykly ilkibaşda çekilen harajatlary hem, soňundan ony ösdürmek, onuň bir bölegini çalyşmak ýa-da hyzmat etmek üçin çekilen çykdajylary hem öz içine alýar.

15. Ykrar etme ýörelgesine laýyklykda kärhana maýa goýum emlägi obýektiniň balans gymmatynda şunuň ýaly gozgalmaýan emläge gündelik hyzmat etmek üçin harajatlary ykrar etmeýär. Oňa derek şunuň ýaly harajatlar olaryň çykarylyşyna görä, peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýär. Gündelik hyzmat etmek üçin harajatlar, esasan, işçi güýji we sarp edilýän materiallar üçin harajatlardan durýar, şeýle hem olar ownuk bölekleriň gymmatyny öz içine alyp biler. Bu çykdajylaryň maksady köplenç gozgalmaýan emläk obýektini "abatlamak we gündelik hyzmat etmek" hökmünde görkezilýär.

16. Maýa goýum emläginiň bölekleri ýerine goýma (çalyşma) ýoly bilen satyn alnyp bilner. Mysal üçin, binanyň içki diwarlaryny çalyşmak geçirilip bilner. Ykrar etmegiň ýörelgesine laýyklykda kärhana bar bolan obýektiň çalşylan bölegi üçin harajatlary, eger ykrar etme ölçegleri berjaý edilýän bolsa, maýa goýum emlägi obýektiniň balans gymmatynda şunuň ýaly harajatlaryň çekilen pursatynda ykrar edýär. Çalşylan bölekleriň balans gymmatynyň ykrar edilmegi şu standartyň ykrar etmegi bes etmäge degişli düzgünlerine laýyklykda bes edilýär.

17. Maýa goýum emlägine ilkibaşda baha bermek özüne düşýän gymmaty boýunça geçirilmelidir. Ilkibaşda baha berlende geleşik boýunça harajatlar goşulmalydyr.

18. Satyn alnan maýa goýum emläginiň özüne düşýän gymmatynyň düzümine satyn alnan baha we ähli göni harajatlar girýär. Göni harajatlar, mysal üçin, hünärli hukuk hyzmatlarynyň gymmatyny, öwezi dolunýan salgytlary we geleşik boýunça beýleki harajatlary öz içine alýar.

19. Öz güýji bilen gurlan maýa goýum emläginiň özüne düşýän gymmaty gurluşygyň ýa-da ösdürmegiň tamamlanan senesindäki ýagdaýa görä gymmatdan ybaratdyr. Şol senä çenli kärhana "Esasy serişdeler" maliýe hasabatlylygynyň milli standartyny ulanmalydyr. Şol senede emläk maýa goýum derejesini alýar we oňa şu standartyň düzgünleri degişli bolýar.

20. Maýa goýum emläginiň özüne düşýän gymmaty:

a) başdaky harajatlar (olaryň gozgalmaýan emläk obýektini kärhananyň ýolbaşçylygynyň maksadyna laýyklykda peýdalanmak üçin ýaramly ýagdaýa getirmek üçin zerur bolan halatlary muňa girmeýär);

b) maýa goýum emläginiň jaýlary kärendä bermek üçin bellenen derejä çykýança gündelik ýitgileri;

ç) gozgalmaýan emläk obýektiniň gurulýan ýa-da ösdürilýän wagtynda çekilen, çig malyň, zähmetiň ýa-da gaýry serişdeleriň ölçegden ýokary ýitgileri bilen baglanyşykly ýokarlanmaýar.

21. Maýa goýum emläginiň tölegi yza süýşürilen ýagdaýynda özüne düşýän gymmat hökmünde obýektiň pul ekwiwalentindäki bahasy çykyş edýär. Şu pul möçberi bilen jemleýji tölegiň möçberiniň arasyndaky tapawut karz möhletiniň dowamynda göterimleri tölemek üçin çykdajylar hökmünde ykrar edilýär.

22. Maýa goýum emläginiň bir ýa-da ondan köp obýektleri pul däl aktiwe ýa-da aktiwlere, ýa pul ýa-da pul däl aktiwlere çalyşmak bilen edinilip bilner.

Şunuň ýaly maýa goýum obýektiniň özüne düşýän gymmatyna adalatly gymmaty boýunça baha berilýär, şu ýagdaýlar muňa girmeýär:

a) çalşyk amalynyň täjirçilik mazmuny ýok bolanda; ýa-da

b) alnan aktiwiň hem, berlen aktiwiň hem adalatly gymmatyna dogry baha berip bolmaýan ýagdaýynda.

23. Kärhananyň berlen aktiwi ykrar etmegi haýal etmän bes edip bilmeýän ýagdaýynda hem edinilen aktiwe şunuň ýaly baha berilýär. Eger-de edinilen aktiwe adalatly gymmaty boýunça baha berilmeýän bolsa, onuň özüne düşýän gymmaty berlen aktiwiň balans gymmaty boýunça kesgitlenilýär.

24. Kärhana çalşyk amalynda täjirçilik mazmunynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny şu amalyň netijesinde özüniň geljekki pul akymlarynyň üýtgäp biljek derejesi boýunça kesgitleýär. Çalşyk amalynyň şu ýagdaýda täjirçilik mazmuny bolup biler, eger-de:

a) alnan aktiwden gelip çykýan pul akymlarynyň konfigurasiýasy (töwekgelçilik, möhletler we pul möçberi) berlen aktiwden gelip çykýan pul akymlarynyň konfigurasiýasyndan tapawutlanýan bolsa; ýa-da

b) onuň işiniň şu amalyň täsir edýän böleginiň kärhana üçin mahsus bolan gymmaty çalşygyň netijesinde üýtgeýän bolsa; we

ç) a) ýa-da b) kiçi bölümlerdäki tapawut çalşygyň meselesi bolan aktiwleriň adalatly gymmaty bilen deňeşdirilende degerli ululyga deň bolanda.

25. Çalşyk amalynda täjirçilik mazmunynyň bardygyny kesgitlemek maksady bilen, onuň işiniň şu amalyň täsir edýän böleginiň kärhana üçin mahsus bolan gymmaty pul serişdeleriniň salgytdan soňky akymlaryny görkezmelidir. Şunuň ýaly seljermäniň netijeleri kärhana tarapyndan jikme-jik hasaplamalary geçirmezden aýdyňlaşdyryp biler.

26. Eger kärhana alnan ýa-da berlen aktiwiň adalatly gymmatyny dogry kesgitlemäge ukyply bolsa, onda özüne düşýän gymmaty kesgitlemek üçin berlen aktiwiň adalatly gymmaty peýdalanylýar, alnan aktiwiň adalatly gymmatynyň has aýdyň görünýän halatlary muňa girmeýär.

## YKRAR ETMEKDEN SOŇ BAHA BERMEK

27. Kärhana özüniň hasaba alyş syýasaty hökmünde ýa-da adalatly gymmat boýunça hasaba alyş modelini ýa-da özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini saýlap almaga we şol syýasaty özüniň ähli maýa goýum emlägine degişlilikde ulanmaga borçlydyr.

28. Saýlanyp alnan hasaba alyş syýasatyna garamazdan, kärhana maglumata baha bermek (eger kärhana adalatly gymmat boýunça hasaba alyş modelini peýdalanýan bolsa) ýa-da ony açmak (eger kärhana özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini peýdalanýan bolsa) maksady bilen maýa goýum emläginiň adalatly gymmatyny kesgitlemelidir.

29. Kärhananyň maýa goýum emläginiň adalatly gymmatyny ykrar edilen we degişli hünär derejesi, şeýle hem şoňa meňzeş topardaky we şol çäklerde ýerleşen maýa goýum emlägine baha bermegi geçirmekde tejribesi bolan

garaşsyz nyrh kesijiniň berýän bahasyndan ugur alyp kesgitlemegi höweslendirilýär, ýöne talap edilmeýär.

**Özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modeli**

30. Özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini saýlap alan kärhana ilkibaşda ykrar edenden soň özüniň ähli gozgalmaýan maýa goýum emlägine "Esasy serişdeler" milli standartynyň şu modele bildirýän talaplaryna laýyklykda baha bermelidir, "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" standartyna laýyklykda ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölmegiň ölçeglerine laýyk gelýän (ýa-da ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, çykyp gidýän toparyň düzümine girýän) bölegi muňa girmeýär.

**Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş modeli**

31. Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş modelini saýlap alan kärhana ilkibaşda ykrar edenden soň özüniň ähli gozgalmaýan maýa goýum emlägini adalatly gymmaty boýunça hasaba almalydyr.

32. Adalatly gymmat kesgitlenende kärhana aktiwi ýerlemek ýa-da onuň başga hili çykyp gitmegi bilen bagly ýüze çykyp biljek harajatlary aýyrmaýar.

33. Maýa goýum emläginiň adalatly gymmaty hasabat senesindäki ýagdaýa görä bazar şertlerini görkezmelidir. Adalatly gymmat belli bir senä bagly bolýar. Sebäbi, bazar şertleri üýtgäp biler, adalatly gymmat hökmünde görkezilen gymmatyň bolsa başga bir senede gaýtadan baha berlende nätakyk ýa-da nädogry bolmagy mümkindir. Şonuň üçin hem maýa goýum emlägine adalatly gymmaty boýunça gaýtadan baha bermek bazar bahalarynyň degerli üýtgeýşine görä geçirilmelidir.

34. Şol çäklerde ýerleşýän birmeňzeş ýagdaýy we oňa kärende we beýleki şertnamalaryň meňzeş şertleri degişli bolan şonuň ýaly gozgalmaýan emlägiň işjeň bazarda hereket edýän bahasy onuň adalatly gymmatynyň iň gowy subutnamasy bolup durýar. Kärhananyň wezipesi şu gozgalmaýan emlägiň häsiýetindäki, ýerleşýän ýerindäki we ýagdaýyndaky, şeýle hem oňa degişli kärende şertnamalarynyň we beýleki şertnamalaryň şertlerindäki islendik tapawutlary ýüze çykarmak bolup durýar.

35. Maýa goýum emläginiň adalatly gymmatynda gozgalmaýan emlägi täzelemek ýa-da gowulandyrmak üçin öňde duran düýpli harajatlar hem, şunuň ýaly harajatlardan alynjak geljekki yklysady peýdalar hem görkezilmeýär.

36. Işjeň bazarda hereket edýän bahalaryň bolmadyk ýagdaýynda kärhana dürli çeşmeleriň maglumatlaryny göz öňünde tutýar, şol sanda:

a) gozgalmaýan emlägiň beýleki görnüşleriniň, başga hili ýagdaýdakylarynyň ýa-da başga çäklerde ýerleşenleriniň (ýa-da oňa degişli kärende şertnamalarynyň we beýleki şertnamalaryň beýleki şertleri bolanlaryň) şol tapawutlary hasaba almak bilen düzediş girizilen, işjeň bazarda hereket edýän bahalaryny;

b) şol bahalar boýunça geleşikler baglaşylandan soň ykdysady şertlerde islendik üýtgemeleri hasaba almak bilen düzediş girizilen, işjeňligi pes bazarlardaky wagt boýunça has golaý bahalary.

37. Maýa goýum emläginiň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden alynýan peýda ýa-da ýitgi olaryň ýüze çykan döwründäki peýda ýa-da ýitgä degişli edilmelidir.

38. Eger kärhana maýa goýum emläginiň obýektini ozal adalatly gymmaty boýunça görkezen bolsa, onda ol mundan beýläk hem obýekt çykyp gidýänçä (ýa-da bu obýekt eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk derejesini alýança ýa-da kärhananyň adaty işiň barşynda ýerlemek maksady bilen obýekti ösdürip başlaýan wagtyna çenli), hat-da bazarda deňeşdirip bolýan geleşikleriň sanynyň we bazar bahalary baradaky elýeterli maglumatyň azalýandygyna garamazdan, bu obýekti adalatly gymmaty boýunça görkezmelidir.

39. Kärhananyň bazarda geleşikleriň ýygy-ýygydan amala aşyrylmaýandygy we adalatly gymmata başga hili baha bermek mümkinçiliginiň ýokdugy sebäpli, maýa goýum emläginiň adalatly gymmatyny dogry kesgitläp bilmeýän ýagdaýynda, kärhana bu maýa goýum emlägine "Esasy serişdeler" milli standartynda beýan edilen, özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modeliniň kömegi bilen baha bermäge borçlydyr. Şunda maýa goýum emläginiň ýatyryş gymmatynyň nola deňdiginden ugur alynmalydyr.

## MAÝA GOÝUM EMLÄGINI GAÝTADAN TOPARA BÖLMEK

40. Obýekti maýa goýum emlägi toparyna gaýtadan topara bölmäge ýa-da şol topardan çykarmaga diňe ony peýdalanmagyň usuly üýtgände rugsat edilýär, hususan-da:

a) eýesi gozgalmaýan emlägi eýeläp başlanda – obýekt maýa goýum emlägi toparyndan eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk toparyna geçirilýär;

b) ýerlemek maksady bilen ösdürilip başlananda – obýekt maýa goýum emlägi toparyndan ätiýaçlyklar toparyna gaýtadan topara bölünýär;

ç) eýesiniň gozgalmaýan emlägi eýeleýän döwri tamamlananda – obýekt eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk toparyndan maýa goýum emlägi toparyna gaýtadan topara bölünýär;

d) obýekt amal kärendesi şertnamasy boýunça üçünji tarapa kärendä berlende – obýekt ätiýaçlykdan gozgalmaýan maýa goýum emlägi toparyna geçirilýär; ýa-da

e) gozgalmaýan emlägiň gurulýan ýa-da ösdürilýän döwri tamamlananda – obýekt gurulýan ýa-da ösdürilýän döwri başdan geçirýän gozgalmaýan emläk toparyndan maýa goýum emlägi toparyna geçirilýär.

41. Kärhana diňe ony peýdalanmagyň usuly üýtgändä (muňa ony ýerlemek maksady bilen obýektiň ösdürilip başlanmagy şaýatlyk edýär) obýekt maýa goýum emlägindan ätiýaçlyklyklar toparyna gaýtadan topara bölünýär. Eger kärhana maýa goýum emlägi obýektini ösdürmezden ýerlemek hakynda çözgüt kabul eden bolsa, onda ol bu obýekti, ony ykrar etmegiň bes edilýän wagtyna

çenli maýa goýum emläginiň düzüminde görkezmegi dowam edýär we ony ätiýaçlyklaryň düzüminde görkezmeýär. Edil şonuň ýaly, eger kärhana geljekde maýa goýum emlägi hökmünde peýdalanmak maksady bilen, bar bolan maýa goýum obýektiniň durkuny täzelemäge başlaýan bolsa, bu emläk maýa goýum emlägi derejesini saklaýar we täze ösüş döwrüniň dowamynda eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk hökmünde gaýtadan topara bölünmeýär.

42. Eger kärhana özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini peýdalanýan bolsa, maýa goýum emlägi, eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk we ätiýaçlyklar toparlarynyň arasynda obýektleriň gaýtadan topara bölünmegi olaryň balans gymmatynyň hem-de baha bermek we maglumatlary açmak maksady bilen, ilkibaşky gymmatynyň üýtgemegine getirmeýär.

43. Adalatly gymmaty boýunça görkezilýän maýa goýum emläginiň obýekti eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk toparyna ýa-da ätiýaçlyklar toparyna gaýtadan topara bölünende, soňundan "Esasy serişdeler" ýa-da "Ätiýaçlyklar" standartyna laýyklykda hasaba almak üçin, bu obýektiň özüne düşýän gymmaty hökmünde ony peýdalanmagyň usulynyň üýtgän senesindäki ýagdaýa görä onuň adalatly gymmaty kabul edilmelidir.

44. Eger eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk maýa goýum emlägi toparyna geçýän we adalatly gymmaty boýunça görkezilmeli bolsa, onda kärhana obýekti peýdalanmagyň usulynyň üýtgeýän senesine çenli "Esasy serişdeler" milli standartynyň düzgünlerini ulanmaga borçlydyr. Kärhana gozgalmaýan emlägiň balans gymmaty bilen onuň adalatly gymmatynyň arasynda şu senedäki ýagdaýa görä ýüze çykan islendik tapawudy "Esasy serişdeler" maliýe hasabatlylygynyň milli standartyna laýyklykda gaýtadan baha bermek hökmünde hasaba almaga borçlydyr:

a) gozgalmaýan emläk obýektiniň balans gymmatynyň islendik peselmegi peýda ýa-da ýitgä degişlidir. Şeýle-de bolsa, şu obýektiň gymmatynyň gaýtadan baha bermekden ýokarlanan derejesiniň çäklerinde azalýan pul möçberi gozgalmaýan emlägiň gymmatynyň gaýtadan baha bermekden ýokarlanmasynyň hasabyna hasapdan öçürilýär;

b) gozgalmaýan emlägiň balans gymmatynyň islendik artmasy şu görnüşde hasaba alynýar:

eger şunuň ýaly artma gozgalmaýan emlägiň şu obýektiniň gymmatynyň gaçmagyndan ozal çekilen ýitgini dikeldýän bolsa, bu artma peýda ýa-da ýitgä degişlidir. Şol döwrüň peýdasyna ýa-da ýitgisine degişli edilen artan pul möçberi şu obýektiň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitginiň ykrar edilmedik ýagdaýynda kesgitlenip bilinjek (ulanyş tutumyny aýyrmak bilen) ululyga çenli balans gymmatyny dikeltmek üçin zerur bolan pul möçberinden ýokary bolmaly däldir;

balans gymmatynyň artan pul möçberiniň galan bölegi gozgalmaýan emlägiň gymmatynyň gaýtadan baha bermekden ýokarlanmasy hökmünde gönüden-göni maýany hasaba almagyň hasabyna karzlaşdyrylýar. Maýanyň düzümine goşulan maýa goýum emlägi soňundan çykyp gidende obýektiň gymmatynyň gaýtadan baha bermekden ýokarlanan möçberi paýlanmadyk

peýdanyň hasabyna geçirilip bilner. Obýektiň gymmatynyň gaýtadan baha bermekden ýokarlanan möçberiniň paýlanmadyk peýdanyň hasabyna geçirilmegi peýdada ýa-da ýitgide görkezilmeýär.

45. Eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emlägiň adalatly gymmat boýunça görkezilýän maýa goýum emlägi toparyna geçirilýän pursatyna çenli kärhana bu gozgalmaýan emläkden ulanyş tutumyny alýar we onuň gymmatynyň gaçmagyndan çekilýän islendik ýitgini ykrar edýär.

46. Obýekti ätiýaçlyklar toparyndan adalatly gymmaty boýunça görkeziljek maýa goýum emlägi toparyna gaýtadan topara bölmek üçin görkezilen senedäki ýagdaýa görä obýektiň adalatly gymmaty bilen onuň balans gymmatynyň ozalky ähmiýetiniň arasyndaky islendik tapawut peýda ýa-da ýitgä degişli edilmelidir.

47. Obýekt ätiýaçlyklar toparyndan adalatly gymmaty boýunça görkeziljek maýa goýum emlägi toparyna gaýtadan topara bölünende hasaba almagyň tertibi ätiýaçlyklaryň ýerlenişini hasaba almagyň tertibine laýyk gelýär.

48. Kärhana tarapyndan öz güýçleri dilen döredilen, adalatly gymmaty boýunça görkeziljek maýa goýum emlägi obýektiniň gurluşygy ýa-da ony ösdürmek tamamlananda görkezilen senedäki ýagdaýa görä obýektiň adalatly gymmaty bilen onuň balans gymmatynyň ozalky ähmiýetiniň arasyndaky islendik tapawut peýda ýa-da ýitgä degişli edilmelidir.

## YKRAR ETMEGI BES ETMEK

49. Maýa goýum emlägi obýektini ykrar etmek çykyp gidende ýa-da ulanyşdan gutarnykly çykarylanda (ýagny, onuň bilen baglanyşykly ykdysady peýdalary almak göz öňünde tutulmaýan ýagdaýynda) bes edilmäge degişlidir (ýagny, balansdan öçürilmäge degişlidir).

50. Maýa goýum emlägi obýektiniň çykyp gitmegi ony ýerlemek ýa-da maliýe kärendesine bermek arkaly amala aşyrylyp bilner.

51. Eger kärhana aktiwiň balans gymmatynda maýa goýum emlägi obýektiniň bir bölegini çalyşmagyň gymmatyny ykrar edýän bolsa, ol çalşylan bölegiň balans gymmatyny ykrar etmegi bes etmelidir. Adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan maýa goýum emlägine degişlilikde ulanyş tutumy aýratynlykda alynmadyk bölek çalşylan bölek bolup biler. Eger kärhana aktiwiň çalşylan böleginiň balans gymmatyny kesgitläp bilmese, çalyşmagyň gymmatyny onuň satyn alnan ýa-da gurlan pursatynda çalşylan bölegiň gymmatynyň görkezijisi hökmünde peýdalanmaga haky bardyr.

52. Adalatly gymmaty boýunça hasaba alyş modeli peýdalanylanda maýa goýum emlägi obýektiniň adalatly gymmaty çalyşmaga degişli bölegiň öz gymmatyny ýitirendigini görkezip biler. Beýleki ýagdaýlarda obýektiň bir bölegini çalyşmak bilen baglanyşykly obýektiň adalatly gymmatyny näçe möçberde azaltmalydygyny kesgitlemek kyn bolýar. Şunuň ýaly azaltmany geçirip bolmaýan mahalynda, adalatly gymmatyň çalşylan bölegiň ululygyna azaldylmagynyň alternatiwasy çalyşmak bilen bagly bolmadyk artdyrmalarda

edilişi ýaly, adalatly gymmata soňundan baha bermek bilen, çalyşma gymmatyny aktiwiň balans gymmatyna goşmak bolup biler.

53. Maýa goýum obýektini ulanyşdan çykarmagyň ýa-da onuň çykyp gitmeginiň netijesinde ýüze çykýan peýdalar ýa-da ýitgiler çykyp gitmeden arassa gelip gowuşmalar bilen aktiwiň balans gymmatynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenmelidir we şunuň ýaly çykarmagyň ýa-da çykyp gitmegiň bolup geçýän döwründe peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilmelidir.

54. Maýa goýum emlägi çykyp gidende deregine berilýän obýekt ilkibaşda adalatly gymmaty boýunça görkezilýär. Hususan-da, maýa goýum emlägi obýekti üçin tölegiň möhleti soňa süýşürilen mahalynda, alnan deregine berilýän obýekt ilkibaşda obýektiň pul serişdeleriniň ekwiwalentindäki bahasy boýunça görkezilýär. Deregine berilýän obýektiň nominal pul möçberi bilen bahanyň pulda görkezilen ekwiwalentiniň arasyndaky tapawut göterim düşewündi hökmünde ykrar edilýär.

55. Maýa goýum emläginiň gymmatynyň gaçmagy, ýitirilmegi ýa-da berilmegi bilen baglanyşykly üçünji taraplaryň berýän öwezini doluş tölegleri onuň alynmaga degişli wagtynda peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

56. Kärhana şulary açmaga borçlydyr:

a) özüniň haýsy hasaba alyş modelini, ýagny, adalatly gymmaty boýunça hasaba alyş modelini ýa-da özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini ulanýandygyny, şeýle hem adalatly gymmaty näme üçin ýeterlik derejede dogry kesgitläp bolmaýandygynyň sebäplerini;

b) topara bölmegiň kyn bolan ýagdaýlarynda maýa goýum emläginiň obýektleri bilen eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň, şeýle hem adaty işiň barşynda ýerlemek üçin niýetlenen gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň arasyny açmak maksady bilen kärhana tarapyndan peýdalanylýan ölçegleri;

ç) adalatly gymmaty kesgitlemek üçin nämäniň esas bolup hyzmat edendigi baradaky maglumaty goşmak bilen, maýa goýum emläginiň adalatly gymmaty kesgitlenende peýdalanylan usullary we düýpli ýol bermeleri, hakyky bazar bahalaryny ýa-da köp babatda obýektiň aýratynlyklaryny we deňeşdirip bolýan bazar bahalarynyň ýokdugy sebäpli beýleki ýagdaýlary (kärhananyň açmaga borçly bolan ýagdaýlary);

d) maýa goýum obýektiniň (maliýe hasabatlylygynda baha berlen ýa-da açylan obýektiň) adalatly gymmatynyň ykrar edilen we degişli hünär derejesi, şeýle hem baha berilýän obýektiň degişli bolan toparyndaky we onuň ýerleşen ýerindäki maýa goýum obýektine baha bermegi geçirmek tejribesi bolan garaşsyz nyrh kesijiniň berýän bahasyna näderejede esaslanýandygyny. Şunuň ýaly baha bermegiň ýokdugy baradaky ýagdaý açylmaga degişlidir;

e) peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilen pul möçberlerini:

maýa goýum emläginden alynýan göterim girdejisini;

hasabat döwründe göterim girdejisi alnan maýa goýum emlägi bilen baglanyşykly ýüze çykan, göni amal çykdajylaryny (abatlamak we gündelik hyzmat etmek üçin çykdajylary goşmak bilen);

hasabat döwründe göterim girdejisi alynmadyk maýa goýum emlägi bilen baglanyşykly ýüze çykan, göni amal çykdajylaryny (abatlamak we gündelik hyzmat etmek üçin çykdajylary goşmak bilen);

peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilen adalatly gymmatdaky jemi üýtgemeleri;

ä) maýa goýum emläginiň ýerlenmeginden ýa-da çykyp gitmeginden alnan girdejini ýa-da düşewündi paýlamak babatyndaky çäklendirmeleriň bardygyny we olaryň möçberini;

f) maýa goýum emlägini satyn almak, gurmak ýa-da ösdürmek ýa maýa goýum emlägini abatlamagy, gündelik hyzmat etmegi ýa-da gowulandyrmagy geçirmek üçin şertnamalar boýunça borçnamalary.

57. Adalatly gymmaty boýunça hasaba alyş modelini ulanýan kärhana maýa goýum emläginiň döwrüň başyndaky we ahyryndaky balans gymmatynyň ähmiýetleriniň arasyndaky deňeşdirme maglumatlaryny şulary görkezmek bilen, goşmaça açmaga borçlydyr:

a) satyn almalardan alnanlary we aktiwiň balans gymmatynda ykrar edlilen soňky çykdyjalaryň netijesi bolup duranlary aýratynlykda görkezmek bilen, artan möçberleri;

b) kärhanalar birleşdirilende obýektleri edinmegiň netijesinde maýa goýum emläginiň gymmatynyň artan möçberini;

ç) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen ýa-da ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, çykyp gidýän topara goşulan aktiwleri we beýleki çykyp gitmeleri;

d) adalatly gymmata düzediş girizmegiň netijesinde alnan arassa peýdany ýa-da ýitgini;

e) maýa goýum emlägi obýektlerini ätiýaçlyklar we eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk toparyna gaýtadan topara bölünişini we şunuň ýaly amallaryň garşylyklaýyn geçirilişini;

ä) gaýry üýtgetmeleri.

58. Özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini ulanýan kärhana goşmaça şulary açmalydyr:

a) ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň peýdalanylýan usullaryny;

b) peýdaly gulluk etmeli döwrüniň peýdalanylýan möhletlerini we ulanyş tutumynyň ölçeglerini;

ç) döwrüň başyndaky we ahyryndaky jemi balans gymmatyny we toplanan ulanyş tutumyny (gymmaty gaçmakdan çekilen toplanan ýitgiler bilen bilelikde);

d) hasabat döwrüniň başyndaky we ahyryndaky maýa goýum emläginiň balans gymmatynyň deňeşdirmesini, şulary görkezmek bilen:

satyn almalardan alnanlary we aktiwiň balans gymmatynda ykrar edilen soňky çykdyjylaryň netijesi bolup duranlary aýratynlykda görkezmek bilen, artan möçberleri;

kärhanalar birleşdirilende obýektleri edinmegiň netijesinde maýa goýum emläginiň gymmatynyň artan möçberini;

ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen ýa-da ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, çykyp gidýän topara goşulan aktiwleri we beýleki çykyp gitmeleri;

ulanyş tutumlaryny;

"Esasy serişdeler" milli standartyna laýyklykda ykrar edilen we döwrüň dowamynda rewersirlenen, gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgileriň pul möçberi;

maýa goýum emlägi obýektlerini ätiýaçlyklar we eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk toparyna gaýtadan topara bölünişini we şunuň ýaly amallaryň garşylyklaýyn geçirilişini;

gaýry üýtgetmeleri.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

59. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 40 "Maýa goýum emlägi" (IAS 2009) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi.

kärendeçiniň maliýe hasabatlylygynda maliýe kärendesi hökmünde hasaba alynýan, şertnama boýunça maliýe emlägine bolan hukuga baha bermegiň tertibi, şeýle hem kärendä berijiniň maliýe hasabatlylygynda amal kärendesi boýunça kärendeçä berlen maýa goýum emlägine baha bermegiň tertibi aýryldy;

peýdalanma gymmatlygynyň esasynda soňundan baha bermek hakyndaky düzgünler aýryldy (garaşylýan pul gelip gowuşmalarynyň diskontirlenen gymmaty);

adalatly gymmatyna baha berip bolýan aktiwlere degişlilikde adalatly gymmat boýunça hasaba alyş modelini ulanmagyň hökmanylygy hakyndaky düzgünler aýryldy;

görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.